# Jüneýt hanyň aradan çykmagy

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 23 января, 2025
Jüneýt hanyň aradan çykmagy DEMIRGAZYK TÜRKMENISTANDA JÜNEÝT HANYŇ ÝOLBAŞÇYLYGYNDA RUS BASYBALYJYLARYNA GARŞY GÖREŞLER

**Jüneýt hanyň 60 ýyllyk göreş ýoluna syn!**

**JÜNEÝT HANYŇ ARADAN ÇYKMAGY, EDEN SOŇKY WESÝETI**

«Ýaş Türküstan» žurnaly. iýul-awgust.1937 ý, 92-93 san.»
*«Heratdan bizge Jüneýt hanyň wefaty habaryny bildirdiler. Bu, ýalňyz Türküstanlylar arasynda meşhur bolup galman, Türküstanyň çäklerinden has uzak ýerlere giden bir atdyr. Türküstan gozgalaňçylarynyň arasynda merhum Jüneýt hanyň ýörite orny bar. »*
Her bir Türkmen, aýratynam, ýaşynyň soňunda, öz nesibesiniň ata￼babalarynyň jaýlanan topragyna çekmegini arzuwlaýar. Ol dünýäden ötmezinden öň depesinde öz ýurdunyň asmanyny görse, mäheriban ojagynyň tüssesiniň ysyny alsa, razy bolup gidýär. Eger ykbalyň oýny Türkmeni keseki topraga düşürse, bu küýsege hasam arzyly bolýar, onuň amala aşmagy üçin ol dünýä malyndan geçmäge taýýar. Jüneýt hanyň başyndan hem şeýle kysmat inipdi. Gürrüň berişlerine görä, ol ölüm ýassygynda ýatyrka, ogullaryna şeýle wesýet edipdir:
**–Meni dogduk obamyzyň ýanyndaky keramatly Ysmamyt atanyň jaýlanan gonamçylygynda ýerläň. Munuň ýeňil düşmejegini bilýän … ýöne munuň üçin meniň jesedimiň agramyna barabar gyzyl bermeli bolsa-da, gysganmaň, beriň… bolşewikler meni ene topragymyzda jaýlamaga rugsat berseler bolýar. Razylaşmasalar, meniň jesedimi Amyderýa atyp göýberiň… hatda meniň bedenimi ýuwan suw dogduk kenarlarymyza çaýkansa-da razy bolaryn, o dünýäde rahat ýataryn.**
Ýazyjy Rahym Esenowyň «azatlyk» radiýosyna beren maglumatyna görä Jüneýt hanyň jesedi gizlinlikde Daşhowuzua aşyrylyp, «Yzmykşir han» gonamçylygynda jaýlanypdyr.(Azatlyk

radýosy;Jüneýthana bagyşlanan «Bir Türkmen, bir ykbal gepleşigi»)

Mälim bolşuna göra Jüneýt hanyň uly ogly Eşi hanyň; Taýça, Älem, serdar we Söwer diýen ogullary bolupdyr. Olardan Taýça soňra Eýrana geçip, şol ýurtda hem aradan çykypdyr. Taýçadan 4 ogul galypdyr. Älem bilen söwer Heratda galypdyrlar.

**Arne GOLI**

**Taryh ylymlarynyň kandidaty** Taryhy makalalar